Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet kitaphanasynda Beýik Ýeňşiň 79 ýyllygy mynasybetli «Gutly bolsun Beýik Ýeňşiň baýramy, Parlasyn Garaşsyz Watan baýdagy!» ady bilen söhbetdeşlik geçirildi.

Söhbetdeşlikde çykyş edenler 1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda söweş meýdanlarynda we tylda edermenlik görkezendikleri hakynda söhbet etdiler! «Biz olaryň watana wepalylygynyň, edermenliginiň hem-de gaýduwsyzlygynyň, bagtyýar durmuşymyz we nurana geljegimiz üçin bitiren hyzmatlarynyň öňünde baş egýäris.» – diýip giňişleýin gürrüň etdiler. Dabarada çykyş edenler watanymyzy goran gahrymanlarymyzy ýatlap Ýeňiş barada ýazylan goşgulary okadylar. Gürrüňdeşlik şeýle bir täsirli ýatlamalar bilen tamamlandy.

Все права защищены